Ýeňil we atyjylyk ýaraglar ulgamynda iň gowy
tejribeleri boýunça gollanma

# Iň gowy tejribeler boýunça gollanma. Ýeňil we atyjylyk ýaraglaryny işjeň däl ýagdaýa getirmekde (deaktiwasiýa etmek) ulanylýan milli kadalar üçin minimal ülňüler



ÝHHG

Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (ÝHHG)

FSC.DEL/250/17/Rev.4
2020-nji ýylyň 17-nji sentýabry

RUS DILINDE
Asyl nusgasy  IŇLIS DILINDE

© 2020. Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy, (ÝHHG) bu resminama tutuşlygyna özüne degişlidigini we onuň taslama şekillerine degişlilikde hem özüniň awtorlyk hukugynyň bardygy hakynda duýdurýar. Bu  resminamanyň (ýa-da onuň bölümleriniň) göçürmesiniň okuw we  ylmy gözleg (derňew) maksatly çäklendirilen mukdarda çykarylmagyna  rugsat berilýär. Beýleki talapnamalar babatynda Wallnerştrasse 6, A-1010, Wena, Awstriýa salgysy boýunça ÝHHG-niň Sekretariatynyň çaknyşykly ýagdaýlaryň (konfliktleriň) öňüni alyş merkeziniň Howpsuzlyk ulgamynda  hyzmatdaşlyk forumynyň  işini üpjün etmek boýunça  bölümine ýüzlenmeli.

Bu gollanma Fransiýanyň we Germaniýanyň hökümetleri
tarapyndan taýýarlanyldy (işlenip düzüldi) we täzelendi.

# MAZMUNY

MAZMUNY 3

I. Giriş 5

II. Halkara borçnamalar 7

III. Milli kanunçylyk 8

IV. Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň işjeň däl ýagdaýa getirilmeginiň (deaktiwasiýa edilmeginiň) ülňüleri (standartlary). 8

1. Tehniki ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar) 8
2. Ýeketäk ülňüler (standartlar) 8
3. Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň toplumlaýyn üpjünligi 8

V. Gözegçilik edaralary 7

1. Işleriň ýerine ýetirilmegi üçin rugsatnama 7
2. Garaşsyz gözegçilik 7

VI. Gözegçilik çäreleri 10

1. Belgileme işi 10
2. Laýyklyk şahadatnamasy 9
3. Halkara geçirilişe degişlilikde gözegçilik çäreleri 9
4. Resminamalaryň saklanmagy 9
5. Eýelerine degişlilikde gözegçilik 9

VII. Maglumat alyş-çalyşy 12

VIII. Hukuk namalarynyň ulanylmagy boýunça hyzmatdaşlyk. 12

1. Yzarlamak 12

Gysgaltmalar we akronimler 11

Goşundy 1 11

Adaty ülňüler (standartlar) 11

Ok atýan ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirilmegi (deaktiwasiýasy) üçin tehniki ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar) 11

1-nji Tablisa/ Ok atýan ýaraglaryň görnüşleri 14

2-nji tablisa. Her düzüji bölek bilen geçirilýän anyk amallar. 14

Wajyp düzüjilere degişli amallar 14
1. Nil 13
2. Çeker mehanizm (zatwor), çeker mehanizmiň esasy (ostow) 13
3. Baraban 13
4. Örtükli çeker 16
5. Ramka (sapançalar) 16
6. Awtomatiki ulgamlar 16
7. Urujy-goýberiji mehanizm 15
8. Ok gaby (ulanylýan ýerinde) 15
9. Nilden oklanýan ýarag 15
10. Ses peseldiji 15
11. Goşmaça goýulýan jisimleriň gatylygy 15
III Tablisa. Ok atýan ýaragyň her görnüşiniň düzüji bölekleri bilen baglanşykly ýerine ýetirilýän anyk operasiýalar (amallar) 18
Goşundy 2 20
Şahadatnamanyň nusgalyk görnüşi 20

# I. Giriş

2000-nji ýylda kabul edilen (2012-nji ýylda gaýtadan neşir edildi)[I] ÝHHG-niň Ýeňil we atyjylyk ýaraglar hakynda Resminamasynda görkezilişi ýaly, gatnaşyjy-döwletler "atyjylyk ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirmek işinde ýaragyň ähli wajyp böleklerini gutarnykly ulanmaga ýaramsyz ýagdaýa getirilmelidigi we degişlilikde olaryň bu wajyp böleklerini söküp alynmaz, çalşylmaz we bu ýaragyň gaýtadan ulanyp bolmajak ýagdaýa getirilmelidigi babatda" ylalaşdylar. Gatnaşyjy-döwletleriň köpüsinde şuňa meňzeş, ýagny ýaramsyz ýagdaýa getirlen atyjylyk ýaragynyň gaýtadan dikeldilmeginiň mümkin bolmazlygyny üpjün edýän ülňüler (standartlar) kabul edildi. Adatça "Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň işjeň däl ýagaýa getirilmegi (deaktiwasiýa) adalgasy şeýle närseleriň we olaryň eýelerinde bolmagyny, şol sanda kolleksionerlerde we muzeýlerde ýörite rugsatnama we beýleki şuňa meňzeş ygtyýarlyklary almak zerurlygyny talap etmeýän ýagdaýlaryna ýol bermek diýip düşünilýändir. Şeýle närselere eýe bolmak düzgüni has umumy çäklendiriji düzgünler bilen kadalaşdyrylyp bilner, mysal üçin iň pes ýaş çäklendirmesi.

Kesgitlenen tehniki ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar), işiň ýerini ýetiriliş hili, gözegçilik düzgünleriniň berk berjaý edilişi we işjeň däl ýagdaýa getirmeklik boýunça kabul edilýän çäreleriň gerimi babatda Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň işjeň däl ýagdaýa getirmekligiň kadalarynyň gyşarnyksyz berjaý edilmegi aýratyn ähmiýete eýedir, sebäbi gaýtadan dikeldilen atyjylyk ýaragy jenaýat işleriniň edilmegi, ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň serhedara bikanun söwdasy nukdaý nazaryndan, mysal üçin kontrabanda ýa-da bikanun dolanşyk görnüşinde ýüze çykarylyp bilner we ýüze çykarylýar. Hakykatdan hem, bu meselä degişlilikde gara bazarda giň we durnukly gyzyklanmanyň bardygynyň we ýalňyş usulda işjeň däl ýagdaýa getirlen (deaktiwasiýa edilen) ýeňil we atyjylyk ýaragy gaýtadan dikeldilip bilner we jenaýatçylardyr, teroristler tarapyndan ulanylyp bilinýändiginiň subutnamalary has köp ýüze çykýar. Bu hem, elbetde has uly howpy döredýär.

Bu Gollanmada Ýeňil we atyjylyk ýaragynyň gaýtadan dikeldilip bilinmejek görnüşinde işjeň däl ýagdaýa getirilmeginiň (deaktiwasiýa edilmeginiň) çemeleşmeleri we gözegçilik etmegiň çäreleri teklip edilýär. Onda Ýeňil we atyjylyk ýaragynyň işjeň däl ýagdaýa getirmek işiniň (deaktiwasiýa edilmeginiň) kadalary we esaslary kesgitlenilýän milli kanunçylygyň zerur düzüjileriniň nusgalary we degişli halkara borçnamalaryna salgylanmalar getirilýändir. Mundan başga-da Gollanmada onuň netijeli ulanylmagynyň çäreleri hem gözden geçirilýändir.

[I] ***Ýeňil we atyjylyk ýaragy hakynda ÝHHG-niň resminamasy.*** Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (ÝHHG). 2012-nji ýylyň 20-nji iýuny, Wena. URL: http://www.osce.org/fsc/20783

Bu Gollanmada

getirilen çäreleri Ýeňil we atyjylyk ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işi üçin iň pes ülňüler (standartlar) hökmünde göz öňünde tutulmaly: gatnaşyjy-döwletler bu babatda milli derejede has talapkär çemeleşip, has berk düzgünleri kabul edip bilerler.

Şeýle-de ÝHHG-de ulanylýan ýeňil we atyjylyk ýaragy adalgasy[2] mysal üçin aw ýaragy, nyşana atmak boýunça sport ýaragy we raýatlaryň şahsy goranyş ýaraglary ýaly ok atýan ýaraglarynyň has giň toparlaryny öz içine almaýandygyny aýratyn belläp geçmelidir. Degişlilikde, gatnaşyjy-döwletler bu gollanmanyň şeýle ok atýan ýaraglarynyň toparlaryny hem gurşap almagyny üpjün etmäge haklary bardyr, galyberse-de borçlydyrlar. Gatnaşyjy-döwletler ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň we ok atýan ýaraglarynyň beýleki görnüşleriniň işjeň däl ýagdaýa getirilmegine (deaktiwasiýa edilmegine) diňe bir rugsat bermän, eýsem onuň ýok edilmegini talap edip bilerler.

[2]Ýeňil we atyjylyk ýaragy - bulara uruşlary alyp barmak üçin degişli şekilde enjamlaşdyrylan öldüriji serişde hökmünde ulanylýan harby ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar) boýunça öndürilýän ýarag we ýaraglanyş ulgamlarydyr. Bu kesgitlemä aw ýa-da sport ýaraglary, hem-de şahsy goranyş maksatly ulanylýan raýat ýaraglary (rewolwerler, sapançalar) degişli däldir.

# II. Halkara borçnamalar

Atyjylyk ýaraglary we ýeňil ýaraglanmalaryň bikanun söwdasynyň öňüni almak we ýok etmek, we munuň[3] bilen ähli jähtleri boýunça göreşmeklik babatyndaky alnyp barylýan hereketleriň Maksatnamasyny durmuşa geçirmekde ýetilen ösüşi gözden geçirmeklik Birleşen Milletler Guramasynyň üçünçi Maslahatynyň Netijeleýin resminamasynda hususan-da gaýtadan dikeldilmez ýaly edip işjeň däl ýagdaýa getirmeklige (deaktiwasiýa) ýa-da ýok edilmäge degişllikde wajyp bölümler bellenip geçilýändir. Milletara guramaçylyky jenaýatçylyga garşy Birleşen Milletler Guramasynyň Konwensiýasynyň üstüni doldurýan Atyjylyk ýaraglarynyň, olaryň düzüji bölegleriniň hem-de olaryň ok-därileriniň bikanun ýasalmagy we dolanşygyna garşy Protokolyň 9-njy maddasynda (BMG BA, 2001a)[4] atyjylyk ýaragy babatda durulyp geçilýär.

[3] https://www.un.org/disarmament/convarms/revcon3/
[4]Milletara guramaçylyky jenaýatçylyga garşy Birleşen Milletler Guramasynyň Konwensiýasynyň üstüni doldurýan Atyjylyk ýaraglarynyň, olaryň düzüji bölekleriniň hem-de olaryň ok-därileriniň bikanun ýasalmagy we dolanşygyna gaşry Protokoly. BMG BA (Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy) (2001a) 2001-nji ýylyň 31-nji maýynda kabul edildi.

# III. Milli kanunçylyk

Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň gaýtadan dikeldilmesiz görnüşde işjeň däl ýagdaýa getirilmegi (deaktiwasiýasy) hakyndaky konsepsiýany ykrar edýän gatnaşyjy döwletler "gaýtadan dikledilmesiz görnüşde işjeň däl ýagdaýa getirmek" adalgasynyň kesgitlemesini Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň gözegçilik edilmegini düzgünleşdirýän milli kanunçylygynda görkezmelidir.

Şeýle kanunçylykda bu gatanşyjy-döwletiň halkara borçnamalary hem açyp görkezilmelidir.

Eger gatnaşyjy-döwletde hukugyň bu ulgamdaky kanun çykaryjy wezipeleri has pes derejä geçirilen bolsa şeýle gatnaşyjy-döwletiň çäklerindäki ahli ýurisdiksiýa bölümleri olarda hereket edýän kanun çykaryjy düzgünleriniň ýeketäkligini üpjün etmelidir.

Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň işjeň däl ýagdaýa getirek işini (deaktiwasiýasyny) düzgünleşdirýän milli kanunçylykda aşakdakylar görkezilmelidir:

1. "Işjeň däl ýagdaýa getirmek" (deaktiwasiýa) düşünjesiniň kesgitlemesi

    we, eger ol ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň ähli toparlaryna degişli däl bolsa, onuň haýsy toparlara degişlidigininiň görkezilmegi.

    Kesgitlemede ýeňil we atyjylyk ýaragynyň işjeň däl ýagdaýa getirilen (deaktiwirlenen) topara degişli edilmegi üçin ýaragyň wajyp bölekleriniň gaýtadan dikeldilip bolmaýan ýagdaýa getirlen bolmagy we olary söküp almak, çalyşmak ýa-da haýsydyr bir usul bilen bu ýaragyň gaýtadan dikeldilip bolar ýaly üýtgedip bilinmezligi babatyndaky talaplary hem aýdyň görkezilmelidir. Kanunçylykda işjeň däl ýagdaýa getirmeklik (deaktiwasiýa) nukdaýnazaryndan iň wajyp hasap edilýän düzüji bölekleri görkezilmelidir we bu sanaw şulary öz içine almalydyr: nil we oklyk (okgaby), ramka ýa-da nil gutujygy, örtükli çeker ýa-da baraban, çeker-sürgi ýa-da çeker mehanizmi, urujy-goýberiji mehaizimi we sökülip-aýrylýan zarýadnikleri (ok sürüjileri). Gatnaşyjy-döwlet howp we töwekgelçiliklere baha bermekligiň esasynda sanawdan adatça raýatlaryň eýe bolmagyny gadagan edilen ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň görnüşlerini çykaryp biler we şeýlelikde işjeň däl ýagdaýa getirilenden (deaktiwasiýa edilenden) soňra şeýle ýaraga eýe bolmaklygy gadagan edip biler. Şeýle çözgütler gatnaşyjy-döwletde bar bolan howp we töwekgelçiliklere baha bermekligiň esasynda kabul edilmelidir.

2. Işjeň däl ýagdaýa getirmek (Deaktiwasiýa) işini geçirmekligiň düzgünleri (tehniki spesifikasiýalary) şol sanda mümkingadar ýerine ýetirijileriň sanawy.

3. Işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işini geçirmek boýunça ygtyýarlandyrmagyň we rugsatnamalary bermekligiň düzgüni.

4. Işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işiniň kesgitlenen ülňülere (standartlara) laýyklykda geçirilendigini tassyklamak maksady bilen gözegçilik işi we rugsatnamalaryň berilmegi boýunça çäreler.

5. Ytgyýarnamalaryň we rugsatnamalaryň herekediniň ýatyrylmagynyň, gözden geçirilmegiň, gaýtadan rugsat berilmegiň we yzyna gaýtarylyp alynmagynyň düzgünleri.

6. Işjeň däl ýagdaýa getirilen (deaktiwasiýa edilen) ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň belgilenmeginiň we şahadatnama resmileşdirmegiň düzgünleri.

7. Işjeň däl ýagdaýa getirmek boýunça talaplaryň ýerine ýetirilmegi.

   Ýokarda görkezilen jähtlere goşmaça degişli gatnaşyjy-döwletiň milli kanunçylygynda deaktiwasiýa işine şahslaryň goşulmagynyň öňüni almaklyga gönükdirilen düzgünler, işjeň däl ýagdaýa getirmeklik (deaktiwasiýa) kadalarynyň berjaý edilmegi boýunça galp şahadatnama ýasamaklygyň we ýasamaklyga synanşygynyň we galp belgilenmäni ulanmaklygyň öňüni almak boýunça düzgünlerini hem girizmelidir. Bu düzgünleriň berjaý edilmegine esasy jogapkärçiligiň kim tarapyndan çekilýändigi anyk görkezilmelidir.

8. Hukuk bozulmalary we jezalar hakynda düzgünler (mysal üçin, talaba laýyk gelmeýän görnüşde ýerine ýetirilen işjeň däl ýagdaýa getirmek işi (deaktiwasiýa) üçin, we/ýa-da gaýtadan dikeldilmegi/modifisirlenmegi (üýgedilmegi), hem-de işjeň däl ýagdaýa getirmeklik (dekatiwasiýa) üçin galp şahadatnamalaryň ýasalmagy üçin jenaýat jogapkärçiligi).

Hakykatda kanun tarapyndan kesgitlenen talaplara laýyk gelmeýän ýeňil we atyjylyk ýaraglary işjeň däl ýagdaýda (deaktiwirlenen) diýip görkezilmegi, işjeň däl ýagdaýa getirilen (deaktiwirlenen) ýaraglary gaýtadan dikeltmek synanşyklary we işjeň däl ýagdaýa getirmekligiň (deaktiwasiýa) kadalaryna laýyklygy hakynda şahadatnamany galp ýasamak ýa-da galp ýasamak synanşygy we işjeň däl ýagdaýa getirmek işi (deaktiwasiýa) geçirilendigine şaýatlyk edýän galp belgilemäniň goýulmagy ýaly jenaýatlar üçin jenaýat jezalaryny girizmelidir. Ýeňil we atyjylyk ýaraglaryň işjeň däl ýagdaý getirmeklik hakynda (deaktiwasiýasy) milli kanunçylykda şeýle närseleriň import we eksport edilmegi boýunça mümkinçilikleri hem göz öňünde tutulmaly. Muňa rugsat berilýän bolsa, onda munuň üçin niýetlenen düzgünler kanunçylygyň utgaşyklylygy üçin hususan-da işleriň ýerine ýetiriliş ülňüleri (standartlary), belgileme we şahadatnama bermeklik babatda beýleki gatnaşyjy döwletler bilen hyzmatdaşlygy hem öz içine almalydyr.

# IV. Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň işjeň däl ýagdaýa getirilmeginiň (deaktiwasiýa edilmeginiň) ülňüleri (standartlary).

Işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işiniň tehniki we ugrukdyryjy esaslary wagtal-wagtal ok atýan ýaraglar ulgamynda we işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) kadalary babatda tehniki täzelikleriň girizilmegini hasaba almak bilen gözden geçirilip bilner.

## 1. Tehniki ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar)

Tehniki ýöriteleşmeleriň (spesifikasiýalaryň) mysallary 1-nji Goşundyda getirilendir.

## 2. Ýeketäk ülňüler (standartlar)

Gatnaşyjy-döwletler üçin ýeketäk ülňüleriň (standartlaryň) kabul edilmegi hemmeler üçin töwekgelçilikleriň peseldilmegini üpjün etmähe ýardam berer. Beýleki gatnaşyjy-döwletler bilen hyzmatdaşlygyň artykmaçlygy tehniki ýöriteleşmeler(spesifikasiýalar) kesgitlenende aýdyň bolmalydyr. Bir tarapdan bu ýagdaý şeýledir. Işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işi üçin tehniki ýöriteleşmeleriň(spesifikasiýalaryň) işlenip taýýarlanmagy töwekgelçiliklere we howplara baha berilmegi bilen bir hatarda (işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işiniň gaýtadan dikeldilmezligini üpjün etmek üçin ýaramsyz ýagdaýa getirmeli bolan) inženerçilik çözgütleriň we mümkinçilikleriň işlenip düzülmegi ulgamynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýlarynyň seljerilmegi bilen amala aşyrylmalydyr.

## 3. Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň toplumlaýyn üpjünligi

Ýaraglaryň doly derejede işjeň däl ýagdaýa getirilmedik (deaktiwasiýa edilmedik) düzüji bölekleriniň dolanşygyna ýol bermezlik üçin gatnaşyjy döwletler ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň ähli wajyp düzüjileriniň işjeň däl ýagdaýa getirilmegini (deaktiwasiýa edilmegini) üpjün etmeli we işjeň däl ýagdaýa getirilen (deaktiwasiýa edilen) diýip ýeňil we atyjylyk ýaraglaryny toplumlaýyn görnüşde göz öňünde tutmaly. Toplumlaýyn doly üpjün bolmadyk hem-de işjeň däl ýagdaýa getirilen (deaktiwirlenen) ýeňil we atyjylyk ýaragynyň gaýtadan dikeldilmegi mümkinçiligi doly üpjün ýaraglara garanyňda has pes bolup, doly üpjün bolmadyk ýeňi we atyjylyk ýaragynyň işjeň däl ýagdaýa getirilen diýip resmileşdirilip şahadatnama berilmegi howply netijeleriň emele gelmegine getirip biler we şol sanda ýaragyň işjeň däl ýagdaýa getirilmedik düzüji bölekleriniň dolanyşygyna we bikanun eýeçilikde bolan ýarag üçin ätiýaçlyk şaýlary hökmünde üpjün edilmegine getirip bilýändir. Kesgitlenen ülňüler (standartlar) anyk düzgünleriniň görkezilmegi bilen ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň dürli görnüşlerini gurşap almaly, we bu düzgünler ulanylyp bilinýän halatynda ýaragyň wajyp bölekleri üçin ulanylmalydyr, mysal üçin aýrylýan ok gutusyna degişlilikde. Jikme-jik aýratynlyklary 1-nji Goşundyda beýan edilendir.

# V. Gözegçilik edaralary

## 1. Işleriň ýerine ýetirilmegi üçin rugsatnama

Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň işjeň däl ýagdaýa getirmek işi (deaktiwasiýasy) diňe gatnaşyjy-döwletler tarapyndan ýaraglaryň söweşjeň birliklerine eýe bolmaga we şeýle işleri ýerine ýetirmäge rugsatnama berlen edaralar tarapyndan ýerine ýetirilmelidir. Bu edaralaryň işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işi doly ýerine ýetirilýänçä çenli döwür üçin ýaraglaryň bu birliklerini saklamak üçin howpsuz ambarlary bolmalydyr. Bu esasan hem degişli ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň raýatlar tarapyndan alynmaga düýbünden gadagan edilen halatlarynda örän wajypdyr.

Ygtyýarlandyryjy edaralar kesgitlenen ülňüleriň (standartlaryň) berjaý edilişini üpjün etmek maksady bilen deslapdan duýdurmazdan işleriň ýerine ýetirilýän ýerlerinde gözegçilik işlerini geçirip bilerler. Ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirmekligiň (deaktiwasiýasynyň) tehniki ýöriteleşmeleri (spesifikasiýalary) babatda ýa-da işler başlanýança ýa-da işleriň tamamlanmadyk ýagdaýlarynda ýaraglaryň düzüji birlikleriniň howpsuz gorap saklanmagy boýunça kanun tarapyndan bellenilen talaplarynyň berjaý edilmezligi, bu işleri ýerine ýetirmek boýunça ygtyýarnamanyň gaýtaryp alynmagyna getirip biler, şeýle-de jenaýat işiniň gozgalmagyna hem getirip biler.

Eger-de ol ýa-da başga bir gatnaşyjy-döwletiň çäginde ok atyjy ýaragyň işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işini ýerine ýetirmäge rugsat berlen guramalar bolmadyk halatynda, şeýle gatnaşyjy-döwlet başga bir gatnaşyjy-döwlete ýüzlenip işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işini ýerine ýetirmek üçin rugsat berlen guramalaryna ok atyjy ýaraglarynyň işjeň däl ýagdaýa getirilmeginde (deaktiwasiýa edilmeginde) yardam berilmegi babatda ýüzlenip biler.

## 2. Garaşsyz gözegçilik

Eger ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň talaba laýyk görnüşde işjeň däl ýagdaýa getirilmegine (deaktiwasiýa edilmegine) gözegçilik edýän edara ýeňil we atyjylyk ýaraglaryny işjeň däl ýagdaýa getirmek işlerini ýerine ýetirmäge (deaktiwasiýa etmäge) rugsatnama berlen bolsa şeýle wezipeleriň çözülmegi boýunça meseleler bu edaranyň çäginde anyk bölünmelidir. Şeýlelikde, mysal üçin, gözegçilik işi ok atyjy el ýaragynyň synaglary boýunça Hemişelik halkara iş toparynyň (HHIT) degişli bölümi ýa-da gözegçilik işini geçirmek üçin talap edilýän hünär tejribesine we birlermen (ekspert) mümkinçiliklerine eýe bolan ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan ýerine ýetirilip bilner.

Haýsydyr bir gantaşyjy-döwletiň gözegçilik işini amala aşyrýan guramalary bolmadyk halatynda, bu gantaşyjy-döwlet ol ýa-da başga ok atyjy ýaragyň işjeň däl ýagdaýa getirmek işine (deaktiwasiýasynyň) gözegçilik edilmegi üçin başga bir gatnaşyjy-döwlete ýüzlenip kömek sorap biler.

Ok atýan ýaragyň işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işine gözegçilik edilmegi boýunça şeýle ýüzlenmä oňyn jogap alynmagy şerti bilen ýardam berýän, gözegçilik işini amala aşyrýan gurama işjeň däl ýagdaýa getirilendigi (deaktiwasiýa edilendigi) barada kepilnama resmileşdirip berýär.

# VI. Gözegçilik çäreleri

## 1. Belgileme işi

Ol ýa-da başga düzüji bölek işjeň däl ýagdaýa getirilendigini (deaktiwirilenendigini) aýdyň görkezmek maksady bilen (degişli gatnaşyjy-döwlet tarapyndan bu status kabul edilen halatynda) goşmaça bellik edilmelidir. Şeýle bellik hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri üçin ýaragyň şeýle hem düzüji bölekleriniň söwda-satuw we geçiriliş nokatlarynda, şol sanda serhetara nokatlarynda oňaýly bolýandyr. Bellgilenýän materiala baglylykda möhürleme ýa-da grawirleme usulyny ulanmalydyr.

Belgi ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň gaýtadan dikeldip bolmaýan görnüşde işjeň däl ýagdaýa getiriledigini (deaktiwasiýa edilendigini) we degişli işleriň haýsy gatnaşyjy-döwletde geçirilendigini we gözegçilik edilendigi baradaky belligi hem görkezmelidir. Mundan başga-da gözegçilik edýän guramasyny görkezýän belgi hem goýulmalydyr. Şeýle-de işleriň ýerine ýetirilen ýyly we gözegçilik barlagy barada maglumatlary bar bolan belgi goýulmalydyr. Şeýlelikde iş ýüzünde belgi dört sany düzüjiden ybarat bolmalydyr (ýagny işjeň däl ýagdaýa getirmekligiň (deaktiwasiýa) statusy, gantaşyjy-döwlet, gözegçilik edýän edara we gözegçilik barlagynyň ýyly hakynda belllikler). Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň esasy bölekleriniň ählisine belginiň goýulmagy artykmaç bolmagy hem mümkindir. Degişlilikde doly belgi diňe nil gutysyna ýa-da ramkasyna goýlup bilner we has ownuk esasy düzüji böleklerine deaktiwasiýa statusy ýa-da gatnaşyjy-döwletini görkezýän belgisi goýlyp bilner.

Belgi ýeňil we atyjylyk ýaragynda bar bolan tapgyr belgisini, öndürijisiniň ýa-da importýorunyň belgisiniň üstüni doly ýa-da bölekleýin görnüşde ýapmaly däldir. Mundan başga-da degişli belgi hökümet üçin haýsy tehniki ülňä (standarda) laýyk gelýändigi hem kesgitlemäge mümkinçilik bermelidir. Tehniki ülňüleriň (standartlaryň) toplumy gaýtadan gözden geçirilende belginiň şekili hem gaýtadan üýtgedilmelidir.

## 2. Laýyklyk şahadatnamasy

Ýaragyň bu birligi deaktiwasiýa standartlarynyň (ülňüleriniň) talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan laýyklyk şahadatnamasy berilmelidir we aşakdakylar görkezilmelidir:

1. Deaktiwasiýa işini amala aşyran gurama hakynda jikme-jik maglumatlar:
2. Çäklerinde deaktiwasiýa işi amala aşyrylan gatnaşyjy-döwlet;
3. Deaktiwasiýa işiniň sertifikasiýasynyň senesi;
4. Ýeňil ýa-da atyjylyk ýaragyň öndüriji ýa-da kärhana belgisi;
5. Ýeňil we atyjylyk ýaragynyň deaktiwasiýa görnüşi;
6. Deaktiwasiýa edilen ýeňil we atyjylyk ýaragynyň markasy we kysymy (modeli)
7. Deaktiwasiýa edilen ýeňil we atyjylyk ýaragynyň kalibri;
8. Deaktiwasiýa edilen ýeňil we atyjylyk ýaragynyň tapgyr belgisi. (Seriýa nomeri).

Adaty şahadatnamanyň mysaly nusgasy (ÝB-niň Reglamentinden alnandyr), 2-nji Goşundyda görkezilendir.

## 3. Halkara geçirilişe degişlilikde gözegçilik çäreleri

Ýeňil we atyjylyk ýaragynyň geçiriliş işine degişlilikde gözegçilik amala aşyrylanda (import we eksport) ýaragyň görkezilen düzüji böleginiň häsiýetnamasyna hakykatdanam laýyk gelýändigini, degişli belgisiniň bardygyny, barlagdan geçirilendigini we degişli resminamalary (hususanda deaktiwasiýa hakynda şahadatnamasy) üpjün edilmelidir.

## 4. Resminamalaryň saklanmagy

Deaktiwirlenen ýeňil we atyjylyk ýaragynyň sanawnamasyny ýeňil we atyjylyk ýaragynyň ulanyş möhletine baglylykda, emma 20 ýyldan az bolmadyk möhletiň dowamynda saklamaly. Hasaba alyş ýazgylaryna ýaragyň hususanda anyklaýyş belgisi, deaktiwasiýa edilýän pursadynda eýesi barada maglumatlar girizilip bilner. Eýeleri we deaktiwasiýasy hakyndaky hasaba alyş ýazgylary kanuny ok atýan ýaraglaryň eýeleriniň milli hasaba alyş sanawynyň özbaşdak bir hökmünde resmileşdirilip bilner.

## 5. Eýelerine degişlilikde gözegçilik

Gatnaşyjy-döwletler deaktiwirlenen ýeňil we atyjylyk ýaraglary üçin rugsatnamalara esaslanýan gözegçilik çäreler ulgamyny girizemekligiň gerek bolup bolmandygyny kesgitlemek maksady bilen töwekgelçilik we howplaryň seljerme işleriniň esasynda bahalandyrma işini geçirmelidirler.

# VII. Maglumat alyş-çalyşy

Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň deaktiwasiýa konsepsiýasyny kabul eden gatnaşyjy-döwletler öz gezeginde howplar bahalandyrylanda ulanylyk biljek dessin maglumatlaryň esasynda bahalandyrma işini geçirip bilýändirler.

Hyzmatdaşlyk edýän gatnaşyjy-döwletleriň arasynda şeýle nutuklar bilen alyş-çalyş işlerini giňişleýin alyp barmaklygy ýola goýmak maksada laýyk bolar.

# VIII. Hukuk namalarynyň ulanylmagy boýunça hyzmatdaşlyk.

Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň deaktiwirlenmegi boýunça işlerine gözegçilik çärelerini ulanmaklyk gatnaşyjy döwletler tarapyndan bikanun ýarag dolanşygyna gaşry göreş alyp barmakda kabul edilýän çäreleriň bir bölümi bolup biler.

Döwletler ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň deaktiwasiýasy hakynda maglumat alyş-çalyşy meselesi boýunça aragatnaşyk saklamak üçin milli gözegçi guramany ýa-da aýratyn utgaşdyryş nokadyny belläp bilerler.

## 1. Yzarlamak

Ýeňil we atyjylyk ýaragy yzarlananda ýerine görä ulanylyp bilinýän ýerinde yzarlamak işi boýunça Halkara resminama gollanmalydyr [5].

Ýarag serişdelerini yzarlamak boýunça talapnama bilen ýüzlenilen gatnaşyjy-döwlet özlerine berlen maglumaty ulanmaklygy çäklendirmeklik üçin ýygtyýarlandyrylan bolmalydyr.

Yzarlama işi boýunça operasiýanyň dowamynda alynan maglumatlar bilen başga ýagdaý ylalaşylmadyk bolsa yzarlamak ulgamynda hyzmatdaşlyk hakyndanky iki taraplaýyn ylalaşyklar we şertnamalara laýyklykda alnyp barylmaly we degişli seresaplylygy berjaý etmeli.

[5] Döwletlere bikanun ýeňil we atyjylyk ýaraglayny özwagtynda we ygtybarly ýagdaýda ýüze çykarmaga we yzarlamaga ýardam berýän we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2005-nji ýylyň 8-nji dekabrynda kabul edilen Halkara resminamadyr.

# Gysgaltmalar we akronimler

| | |
|---|---|
| ÝB | Ýewropa bileleşigi |
| ÝAÝ | Ýeňil we atyjylyk ýaragy |
| ÝHHG | Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (ÝHHG) |
| BMG | Birleşen Milletler Guramasy |
| HUHF | Howpsuzlyk ulgamynda hyzmatdaşlyk forumy |

# Goşundy 1

## Adaty ülňüler (standartlar)

Ýewropa iş topary (komissiýasy) ýeňi we atyjylyk ýaragynyň dikeldip bolmajak görnüşde deaktiwirlemek boýunça tehniki ülňüleri (standartlar)[6] neşir etti.

## Ok atýan ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirilmegi (deaktiwasiýasy) üçin tehniki ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar)

[6] 2015/2403 belgili (ÝB) Ýerine ýetiriş düzgünnama üýtgeşme girizmek hakyndaky ok atýan ýaraglaryň ulanyp bolmajak ýagdaýa getirilmegini üpjün edýän deaktiwasiýa standartlaryna we usullaryna degişli umumy gözükdiriji esaslaryny kesgitleýän Iş toparynyň (ÝB) 2018/337 belgili ýerine ýetiriş düzgünnamasy. Ýewropa iş topary (Komissiýa) 2018-nji ýylyň 5-nji marty. https://eur-Lex.europa.eu/legal-content7EN/TXT/?uri=CELEX°/o3A32018R0337

Ok atýan ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirilmegi (deaktiwasiýasy) üçin tehniki ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar) adaty gurallaryň kömegi bilen ok atýan ýaraglaryň gaýtadan dikeltmek mümkinçiligini aradan aýyrmalydyr.

Ok atýan ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirilmegi (deaktiwasiýasy) üçin tehniki ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar) ok atýan ýaraglaryň iň wajyp bökekleriniň işjeň däl ýagdaýa getirilmegne (deaktiwirlenmegne) gönükdirilendir. Goşyndy 1-de beýan edilen ok atýan ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirilmegi (deaktiwasiýasy) üçin tehniki ýöriteleşmeler (spesifikasiýalar) şeýle-de aýratyn bir jisim görnüşinde bolan we tehniki nukdaý nazaryndan ok atýan ýaraglaryň işjeň däl ýagdaýa getirilýän (deaktiwirlenýän) birligi bilen baglanyşykly bolan çalşylýan nilleriň işjeň däl ýagdaýa getirilmegi (deaktiwasiýasy) üçin hem ulanylýandyr.

Ok atýan ýaraglaryň gaýtadan dikeldilip bolamajak görnüşe getirilmegi üçin ýerine ýetirilýän işjeň däl ýagdaýa getirilmegi (deaktiwasiýa) boýunça işleri üç tablisa görä kesgitlenýär:

1-nji tablisada ok atýan ýaraglaryň dürli görnüşleri sanalyp geçilendir;

2-nji Tablisada ok atýan ýaragyň iň wajyp düzüji böleklerini ulanylmaz ýagdaýa getirmek maksady bilen ýerine ýetirilmeli amallar hakynda maglumat berlendir;

3-nji Tablisada ok atýan ýaraglaryň dürli görnüşlerine degişlilikde işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) boýunça ýerine ýetirilmeli tehniki amallar hakynda maglumatlar getirilendir.

## 1-nji Tablisa/ Ok atýan ýaraglaryň görnüşleri

Sapançalar (bir atar atyşlar üçin, ýarym awtomat)
Rewolwerler (sökülýän barabanly bolanlary hem şol sanda)
Bir atar uzyn nilli ok atýan ýaraglar (eplenýän zatworsyz)
Eplenýän zatworly ok atýan ýarag (mysal üçin tekiz nilli, hyrly nill, kombinirlenen we dik typýan zatworly / pyrlanýan zatworly, gygsa we uzyn nilli ok atçýan ýarag.
Köp zarýadly uzyn nilli ok atýan ýarag (tekiz nilli we hyrly nilli.)
Ýarym awtomatik uzyn nilli ok atýan ýarag (tekiz nilli we hyrly nilli.)
Awtomatiki usulda ok atýan ýarag: mysal üçin aýratyn hüjüm edilýän wintowkalar, awtomatlar, pulemýotar, awtomatiki sapanaçalar.
Nili oklanyp ok atýan ýaragarlar, şol sanda eplenýän zatworly ( sökülýän barabanly rewolwerlerden başga) ýarag.

## 2-nji tablisa. Her düzüji bölek bilen geçirilýän anyk amallar.

## Wajyp düzüjilere degişli amallar

Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň iň wajyp düzüji böleklerini uzak möhletleýin ulanylmagyny üpjün edip bilýän kebşirlemek, lehimlemek ýa-da başga degişli usullar arkaly sökmek mümkinçiligini aradan aýyrmalydyr.
Milli kanunçylyga baglylykda bu işler milli gözegçi edara tarapyndan barlag geçirilenden ýerine ýetirilip bilner.

Bölekleriň gatylyk derejesi: işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işini amala aşyrýan gurama syhjygyň/dykynyň/syhyň gatylyk derejesi 40 HRC- den pes bolmaly däldir we kebşirleme üçin ulanylýan material möhleti nukdaý nazaryndan çäklendirilmedik netijeli (ykjam) berkidişi üpjün etmelidir.

# 1. Nil

1.1 Eger nil nil gutusy bilen berkidilen bolsa, onda nili urujy-goýberiji mehanizm bilen taplanan polatdan ýasalan syhjyk arkaly okhananyň we nil gutusynyň içi bilen berkitmeli (diametri okhananyň diametrininden 50% uly bolmaly, emma 4,5mm az däl). Syhjyk kebşirlenen bolmaly.

1.2 Eger nil hereketli bolsa (berkidilen bolmadyk halatynda), okhananyň diwarynyň uzynlygy boýunça kesdirmeli (ini kalibriň 1/2 çenli bolup, emma 8 mm uly däl) we ykjam edip dykyny ýa-da syhy okhananyň ujyndan başlap kebşirlemeli (niliň uzynlygynyň 2/3 uzynlygynda).

1.3 Niliň okhanadan başlap sanalanda üçden bir böleginde deşikler deşmeli (diametri tekiz nilli ýarag üçin nil kanalynyň diametriniň 2/3 ölçeginden az bolmaly däl ýa-da ýaraglaryň beýleki görnüşleri üçin nil kanalynyň doly diametrinde bolmaly; yzygiderli; gysga nilli ýaraglar üçin üç we uzyn nilli ýaraglar üçin alty bolmaly), ýa-da okhanadan soň bu ýerde nili açýan V-şekil kesik ( 60 ± 5° burç derejesinde) ýerine ýetirilmeli, ýa-da okhanadan soň nil uzynlygy boýunça deşikleriň ýerleşýän ýerinde kesmeli ( giňligi 8-10 mm ± 0,5 mm, uzynlygy > 52 mm) ýa-da okhanadan başlap nile tarap uzynlygy boýunça kesmeli (ini v4-6 mm ± 0,5 mm), emma kesik araçägi nil kesiginiň ujyna 5mm az bolmadyk uzaklykda ýerleşmeli.

1.4 Ok sürýän nowajykly niller üçin - ok alyjy nowajygy aýyrmaly.

1.5 Taplanan polat syhjyk arkaly ýa-da kebşirleme usuly bilen niliň nil gutysyndan aýrylmagy mümkinçiligini aradan aýyrmaly.

# 2. Çeker mehanizm (zatwor), çeker mehanizmiň esasy (ostow)

2.1 Urujy bölegi (söweşjeň gulagy) aýyrmaly ýa-da gysgaltmaly.

2.2 Çeker mehanizmiň esasynyň ýüzleýin bölegini 45 gradusdaky burç bilen niliň yzky kesiginiň tekizliňiniň meýdanynyň 50% az bolmadyk ölçegde ýonmaly.

2.3 Urujynyň deşigini kebşirlemeli.

# 3. Baraban

3.1. Barabanyň içki diwarjyklaryny uzynlygynyň azyndan 2/3 ölçegine çenli aýyrmaly we gilzanyň diametrine > ýa-da = diametrde tegelek oýmak ýonmaly.

3.2 Mümkin bolan ýerinde barabanyň ramajykdan kebşir enjamy bilen aýyrmaly, mümkin bolmadyk halatynda bolsa beýleki usullar bilen bölünip aýrylmazlygyny üpjün etmeli.

# 4. Örtükli çeker

4.1 Niliň arka böleginiň ýüz tekizliginiň 50% köpüsini 45-den 90 derejä çenli burç bilen ýonmaly ýa-da aýyrmaly.

4.2 Urujy bölegi (söweşjeň gulagy) aýyrmaly ýa-da gysgaltmaly.

4.3 Urujy böleginiň deşigini ýonmaly ýa-da kebşirlemeli/

4.4 Örtükli çeker söweşjeň gulaklaryny kesmeli.

4.5 Ulanyp bolýan ýerlerinde atylan peşeňleriň zyňylmagy üçin niýetlenen örtükli çekerip penjirejigiň ýokarky öň tarap gyrasynyň içerki bölegini 45 dereje burç görnüşinde ýonup aýyrmaly.

# 5. Ramka (sapançalar)

5.1 Oklary beriji nowajygy aýyrmaly.

5.2 Nil gutysynyň iki tarapyndan azyndan gönükidirijiniň 2/3 kesip aýyrmaly.

5.3 Çekeriň gulpyny kebşirlemeli.

5.4 Polimer gutuly sapançalary kebşirleme arkaly sökülmegi mümkinçiligini aradan aýyrmaly.

# 6. Awtomatiki ulgamlar

6.1 Kesme ýa-da kebşirleme usuly bilen porşen we gaz ulgamyny ýok etmeli.

6.2 Çeker mehanizmini aýyrmaly, ony polat şekiljigi bilen (bolwanka) ýerini çalyşmaly ýa-da çeker mehanizmini azyndan 50% çenli gysgaltmaly we çeker mehanizmindäki çekeriň söweşjeň gulaklaryny kebşirlemeli we kesmeli.

6.3 Goyberiji mehanizmini mümkin bolan halatynda kebşir enjamy bilen ramka kebşirlemeli. Eger-de ramkanyň iç ýüzünde kebşir enjamyny ulanyp bolmaýan bolsa, urujy-goýberiji mehanizmi aýyrmaly we emele gelen boşlugy (bu ýere laýyk gelýän demir bölegini (bolwanka) ýelimlemeli ýa-da epoksid şiresi (smolasy) bilen doldurmaly). Milli kanunçylyga laýyklykda bu işler milli gözegçi edara tarapyndan barlag geçirilenden ýerine ýetirilip bilner.

6.4 Eltutaryň çeker mehanizminiň ramka birleşýän ýerinde sökülmez ýaly edip kebşirlemeli ýa-da aýrylmagyny mümkin etmez ýaly degişli usullary ulanmaly. Ok lentaly ýaragyň ok sürüji mehanizmini ykjam edip kebşirlemeli.

# 7. Urujy-goýberiji mehanizm

7.1 Baza boýunça 1 sm ýa-da niliň yzky kesik böleginiň diametrine barabar bolan diametr ölçegini alyp bilmek üçin azyndan 60 derejede (ölçegi burçyň ýokarky ujundan almaly) konus kesip almaly.

7.2 Urujyny aýyrmaly, urujynyň deşijeginiň diametrini azyndan 5mm çenli giňeltmeli.

# 8. Ok gaby (ulanylýan ýerinde)

8.1 Ýaragyň görnüşine baglylykda ok gabynyň alynmagynyň öňüni almak üçin ramka ýa-da el tutara kebşirlemeli.

8.2 Eger ok gaby ýok bolsa onda ok gabynyň ýerleşýän ýerlerindäki ok sürüjileri kebşirlemeli ýa-da ok gaby dakylyp bilinmez ýaly ýapyjy dykyny aýrylyp bilinmez ýaly edip ýerleşdirmeli.

8.3 Taplanan polat simini ok gabyndan, okhanadan we ramkadan geçirmeli we ykjam kebşirlemeli.

# 9. Nilden oklanýan ýarag

9.1 Brand-turbajygyny(laryny) aýyrmaly ýa-da kebşirlemeli, deşijekleri kebşirlemeli.

# 10. Ses peseldiji

10.1 Eger ses peseldiji ýaragyň bir bölegi bolup durýan bolsa taplanan polat simi içinden bilen ýa-da kebşirleme arkaly ses peseldijini nilden aýyrlmaz ýaly etmeli.

# 11. Goşmaça goýulýan jisimleriň gatylygy

Polat simiň/dykynyň/syhyň gatylygy =58 -0; kebşirlenen poslamaýan polat TIG ER 316 L görnüşlu gatylygy +6 HRC.

1. Nil nil gutusy bilen nurbatyň, berkidijiniň ýa-da başga esbabyň kömegi bilen berkidilmeli.

10.2 Ses peseldijiniň içki böleklerini we olary berkidiji nokatlaryny diňe tekiz turba görnüşinde galar ýaly aýyrmaly. Galan turbada her bäş santimetr aralykda deşijekler deşmeli.

2. Kebşirleme - bu materiallaryň adatça metallaryň ýa-da termoplastigiň eretmek arkaly önümçilik ýa-da şekillendiriş usully birleşdirilme işidir.

# III Tablisa. Ok atýan ýaragyň her görnüşiniň düzüji bölekleri bilen baglanşykly ýerine ýetirilýän anyk amallar (operasiýalar)

| **Ok atýan ýaraglaryň görnüşi (I tablisa)** | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Önümçilik işi (II tablisa)** | Sapançalar (awtomatiki ýaraglardan başga) | Rewolwerler | Ok atýan bir atar uzyn nilli ýarag (ýazdyrylmaýan zatworly) | Ýazdyrylýan zatworly ok atýan ýarag (tekiz nilli, hyrly nil, kombinirlenen) | Köp ok sürülýän uzyn nilli ok atýan ýarag (tekiz nilli we hyrly nilli.) | Ýarym awtomatiki uzyn nilli ok atýan ýarag ( tekiz nilli, hyrly nil). | Awtomatiki ok atýan ýarag: hüjüm üçin wintowkalar, awtomatlar, pulemýotlar, awtomatiki sapançalar. | Nilden oklanýan ok atýan ýaragarlar, şol sanda eplenýän (ýazdyrylýan) zatworly (sökülýän barabanly rewolwerlerden başga) ýarag. |
| 1.1 | | | X | | X | X | X | |
| 1.2 & 1.3 | X | X | X | X | X | X | X | X |
| 1.4 | X | | | | | X | X | |
| 1.5 | | X | | | | | | |
| 2.1 | | | X | | X | X | X | |
| 2.2 | | | X | | X | X | X | |
| 2.3 | | | X | | X | X | X | |
| 3.1 | | X | | | | | | |
| 3.2 | | X | | | | | | |
| 4.1 | X | | | | | | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 4.2 | X | | | | | | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 4.3 | X | | | | | | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 4.4 | X | | | | | | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 4.5 | X | | | | | X | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 5.1 | X | | | | | | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 5.2 | X | | | | | | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 5.3 | X | | | | | | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 5.4 | X (polimer nil gutusy) | | | | | | X (öz-özünden oklanýan sapançalar) | |
| 6.1 | | | | | | X | X | |

Goşundy 1

| **Ok atýan ýaraglaryň görnüşi (I tablisa)** | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Önümçilik işi (II tablisa)** | Sapançalar (awtomatiki ýaraglardan başga) | Rewolwerler | Bir atar uzyn nilli ok atýan ýaraglar (eplenýän zatworsyz) | Ýazdyrylýan zatworly ok atýan ýarag (tekiz nilli, hyrly nil, kombinirlenen) | Ýarym awtomatiki uzyn nilli ok atýan ýarag ( tekiz nilli, hyrly nilli). | Ýarym awtomatiki uzyn nilli ok atýan ýarag (tekiz nilli, hyrly nilli) | Awtomatiki ok atýan ýarag: hüjüm üçin wintowkalar, awtomatlar, pulemýotlar, awtomatiki sapançalar. | Nilden oklanýan ok atýan ýaragarlar, şol sanda eplenýän (ýazdyrylýan) zatworly (sökülýän barabanly rewolwerlerden başga) ýarag. |
| 6,2 | | | | | | X | X | |
| 6,3 | | | | | | | X | |
| 6,4 | | | | | | | X | |
| 7,1 | | | | X | | | | |
| 7,2 | | X | | X | | | | |
| 8,1 ýa-da 8.2 | X | | | | X | X | X | |
| 8,3 | | | | | X (turba görnüşli ok gapy) | X (turba görnüşli ok gapy) | | |
| 9,1 | | X | | | | | | X |
| 10.1 | X | | X | | X | X | X | |
| 10.2 | X | | X | X | X | X | X | |

# Goşundy 2

## Şahadatnamanyň nusgalyk görnüşi

Aşakda ÝB döwletleri üçin nusgalyk görnüşi görkezilendir.

**Işjeň däl ýagdaýa getirilen (deaktiwirlenen) ok atýan ýarag üçin nusgalyk şahadatnama**

(Bu şahadatnama galplaşdyryp bolmaýan kagyzda taýýarlanmaly).

ÝB nyşany

Barlag işini amala aşyran we işjeň däl ýagdaýa getirmeklik (deaktiwasiýa) işleri boýunça talaplaryň berjaý edilişini şahadatnama bilen resmileşdirýän edaranyň ady.

Nyşany

**IŞJEŇ DÄL ÝAGDAÝA GETIRMEK BOÝUNÇA (DEAKTIWASIÝA) ŞAHADATNAMASY**

**Şahadatnama belgisi:**

Işjeň däl ýagdaýa getirmek boýunça işler (ÝB) Iş toparynyň (komissiýa) 5-nji mart 2018 ý. seneli we 2018/337 belgili Ýerine ýetiriş düzgünnamasynyň 1-nji Goşundysynda görkezilen ýeketäk tehniki ýöriteleşmelerinde (spesifikasiýalarynda) beýan edilen talaplara laýyklykda ýerine ýetirilendir.

**Işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işini ýerine ýetiren edaranyň ady:**
**Ýurdy:**
**Işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) işiniň şahadatnama bermek üçin resmileşdirilmeginiň senesi/ýyly;**
**Işjeň däl ýagdaýa getirilen ok atýan ýaragyň öndürijisi/zawod markasy:**
**Görnüşi:**
**Markasy/kysymy:**
**Kalibri:**
**Tapgyr belgisi (-leri):**

**Beýleki bellikler:**

Işjeň däl ýagdaýa getirmlendigi hakynda ÝB resmi belligi

F.A.A.a. wezipesi we Ygtyýarly şahsyň goly

**BELLIK:** Bu şahadatnama örän wajyp resminamadyr. Ol hemişe işjeň däl ýagdaýa getirilen (deaktiwirlenen) ýaragyň eýesinde saklanmalydyr. Bu şahadatnamanyň resmileşdirilip berlen işjeň däl ýagdaýa getirilen (deaktiwirlenen) ýaragyň esasy düzüji böleklerine resmi gözegçilik belgileri goýlandyr, bu belgiler aýrylmaly ýa-da üýtgedilmeli däldir.

**ÜNS BERIŇ**: Işjeň däl ýagdaýa getirmek (deaktiwasiýa) şahadatnamasynyň galplaşdyrylmagy milli kanunçylyga laýyklykda hukuk bozulma hökmünde kabul edilýändir.

Howpsuzlyk ulgamynda  hyzmatdaşlyk  forumy (HUHF)

ÝHHG Sekretariaty
Çaknyşykly ýagdaýlaryň (konfliktleriň) öňüni alyş merkezi
ÝHHG Sekretariaty
Walnerştrasse 6
1010 Wena
Awstriýa

www.osce.org

ÝHHG Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (ÝHHG)